**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ**
**MEKDEBE ÇENLI WE MEKDEP BILIMI MINISTRLIGI**
**ÝÖRITELEŞDIRILEN BILIM EDARALARY AGENTLIGININŇ**
**ÝANYNDAKY PEDAGOGIK USSATLYK W HALKARA**
**BAHALANDYRMAK YLMY-AMALY MERKEZI**

# UMUMY ORTA BILIM EDARALARYNYŇ BAŞLANGYÇ BILIM UGRY MUGALLYMLARYNY ATTESTASIÝADAN GEÇIRMEK ÜÇIN HÜNÄR SYNAGYNDA PEÝDALANYLÝAN TEST ÝUMUŞLARYNYŇ SPESIFIKASIÝASY

**Daşkent – 2026**

# UMUMY ORTA WE MEKEPDEN DAŞARY BILIM EDARALARYNYŇ PEDAGOG KADRLARYNY ATTESTASIÝADAN GEÇIRMEK ÜÇIN BAŞLANGYÇ BILIM UGRUNDAN HÜNÄR SYNAGY ÝUMUŞLARYNYŇ SPESIFIKASIÝASY

Bu spesifikasiýa başlangyç bilim ugrundan umumy orta bilim berýän edaralaryň mugallymlaryny attestasiýadan geçirmek hünär synagynda peýdalanylýan test ýumuşlarynyň mazmuny, gurşawy, görnüşi, şekili, bahalamak ölçegi talaplardan ybarat.

## I. Umumy ýörelgeler

Bahalamak maksady – talapkärleriň başlangyç bilim ugry okatmak metodikasy boýunça nazary bilimleri, amaly başarnyklaryny we kompetensiýalaryny kompleks bahalamak.

Bu bahalamagyň netijeleri esasynda pedagog kadrlar attestasiýada kabul edilýän kararlaryň esasly bolmagyny üpjün etmek maksadynda bahalamagyň ähli basgyçlarynda ygtybarlylyk, ynamlylyk, adalatlylyk we aýdyňlyk ýörelgelerine berjaý edilmegi üpjün edilýär.

## II. Kadalaşdyryjy esaslar

1. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2023-nji ýylyň 26-njy maýyndaky «Mekdebe çenli we mekdep bilimi ministrligi hem-de onuň düzümindäki edaralaryň işini netijeli guramak çäreleri hakynda»ky PF-79-belgili Permany.

2. Ministrler Kabinetiniň 2021-nji ýylyň 17-nji sentýabryndaky «Mekdebe çenli, umumy orta, ýörite orta, professional we mekdepden daşary bilim edaralarynyň pedagog kadrlaryny attestasiýadan geçirmek tertibini kämilleşdirmek çäreleri hakynda»ky 572-belgili Karary.

3. Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2023-nji ýylyň 29-njy dekabryndaky «Mekdebe çenli, umumy orta, ýörite orta, professional we makdepden daşary bilim edaralarynyň pedagog kadrlaryny attestasiýadan geçirmek tertibini kämilleşdirilmegi mynasybetli Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň «Mekdebe çenli, umumy orta, ýörite orta, professional we mekdepden daşary bilim edaralarynyň pedagog kadrlaryny attestasiýadan geçirmek tertibini kämilleşdirmek çäreleri hakynda»ky 2021-nji ýylyň 17-nji sentýabryndaky 572-belgili kararyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda»ky 692-belgili Karary.

## III. Bahalamak gurşawy

Başlangyç bilim predmeti mugallymlary üçin hünär predmetinden jemi 35 sany, hünär standartlaryndan 5 sany, pedagogik ussatlykdan 10 sany, jemi 50 sany test ýumuşy hödür edilýär we umumy test ýumşuny ýerine ýetirmek üçin orta hasapda 120 minut wagt berlen. Munda ýapyk test ýumuşlaryndan *(ýeke täk dogry jogaby talap edýän test ýumuşlary (Y1), laýyklygy anyklamagy talap edýän test ýumuşlary (Y2) we yzygiderliligi talap edýän test ýumuşlary (Y3)* peýdalanylýar.

**Test ýumuşlarynyň mazmun ugry we bahalanýan bilim we başrnyklar boýunça paýlanyşy**

*1-nji tablisa*

| Mazmun ugry | Bahalanýan konstruktor | Testleriň sany |
|---|---|---|
| **1. ENE DILI** | | **12 sany** |
| **1.1. Teksti okap düşünmek** | | |
| **Ylmy-köpçülikleýin teksti okap düşünmek** | *- tekstiň mazmunyna laýyk maglumaty anyklamak;*<br>*- tekstiň bölekleriniň arasyndaky mazmun taýdan baglanyşyklary anyklamak;*<br>*- tekstiň hronologiýasyny, yzygiderligini anyklamak;*<br>*- tekstdäki fakty we pikiri tapawutlandyrmak, sebäp-netijäni anyklamak;*<br>*- maglumatlary deňeşdirmek, umumylaşdyrmak we prosesleriň yzygiderligini düşünmek.* | 5 sany |
| **1.2. Dilden amaly peýdalanmak** | | |
| **Orfoepiýa we orfografiýa** | *- orfoepiýa we orfografiýadaky tapawudy anyklap bilmek;*<br>*- baş harp, asyl söz we goşulmalar, goşup, aýryp ýazmak, kese çyzyk bilen ýazmak ýaly orfografik düzgünleri bilmek, peýdalanyp bilmek;*<br>*- fonetik özgerişler (sesiň artdyrylmagy, çalşyrylmagy we düşürilmegi)ni tapawutlandyryp bilmek.* | 2 sany |
| **Punktuatsiýa** | *- ýazuwda dyngy belgilerini (sorag, ýüzlenme, köp nokat; otur, kese çyzyk, iki nokat; nokatly otur, ýaý, goşa dyrnak) dogry ulanyp bilmek;* | 1 sany |
| **Stil** | *- söz we goşulmalaryň kontekstdäki manysy we wezipesini düşünmek, tapawutlandyryp bilmek hem-de dogry ulanmak.* | 1 sany |
| **1.3. Dil nazaryýeti we lingwistik derňew** | | |

| | | |
|---|---|---|
| **Lingwistik derňew** | *- sözlemi häzirki türkmen edebi diliniň fonetik, leksik kadalary esasynda derňew etmek;*<br>*- sözlemi sözüň düzümi esasynda derňew etmek;*<br>*- sözlemi söz toparlary esasynda derňew etmek.* | 3 sany |
| **2. OKUW SOWATLYLYGY** | | **7 sany** |
| **2.1. Çeper tekstiň derňewi** | | |
| **Çeper tekst (proza) derňewi** | *- tekstiň sözbaşy onuň mazmunyny nähili derejede açyp berýändigi barada pikir ýöretmek, laýyk sözbaşy saýlap bilmek; tekstdäki belli bir maglumatlary çyzgy ýa-da suratdan anyklamak;*<br>*- tekstdäki yzygiderlilik, hronologiýa, wakalaryň yzygiderligi;*<br>*- gahrymanlaryň ruhy ýagdaýy we başdan geçirmelerini anyklamak; eseriň iki gahrymanynyň arasyndaky gatnaşygy suratlandyrmak; hekaýanyň gahrymanlarynyň häsiýetlerine takyk häsiýetleri hasaba almak;*<br>*- metafora ýa-da stil ýaly dil serişdeleriniň täsirini suratlandyrmak; tekstiň umumy mazmuny ýa-da temasyny düşünmek; tekstiň takyk haýsy bölümi belli bir maksat üçin hyzmat edýändigini anyklamak;*<br>*- awtor tarapyndan öňe sürlen pikir adamlaryň hyýallary we durmuşyny nähili derejede üýtgetmegi mümkindigini bahalamak; tekstden awtoryň garaýyşlary, açyk aýdylmadyk pikirleri, ideýalary anyklamak.* | 5 sany |
| **2.2. Türkmen we dünýä çagalar edebiýaty** | | |
| **Türkmen we dünýä çagalar edebiýaty** | *- umumy orta bilim maksatnamasyna girizilen türkmen halk döredijiliginiň nusgalaryny düşünmek, derňew etmek we bahalamak;*<br>*- umumy orta bilim maksatnamasyna girizilen türkmen şygryýetiniň nusgalaryny düşünmek, derňew etmek we bahalamak.* | 2 sany |
| **3. MATEMATIKA** | | **10 sany** |
| **3.1. Sanlar we amallar** | | |

| | | |
|---|---|---|
| **Natural, bitin we drob sanlaryň amallary** | *- natural, bitin, drob sanlary anyklamak we sanlarynyň ornunyň bahasyny düşünmek;*<br>*- dürli görnüşdäki sanlar (natural, bitin, drob) arasynda deňeşdirmek we tertiplemek, amallaryň tertibini düşünmek, bölünmek alamatlaryny ulanmak;*<br>*- mysalda formulalary ulanyp, amallaryň tertibine berjaý edip, çözgüdini anyklamak.* | 4 sany |
| **3.2. Algebraik pikir** | | |
| **Algebraik pikir aňlatmalar we üýtgeýjiler** | *- algebraik pikiri derňew etmek we berlen algebraik aňlatma düzmek we hasaplamak;*<br>*- deňleme we deňsizligi düzmek we çözmek.* | 2 sany |
| **3.3. Geometriýa we ölçegler** | | |
| **Geometriya va o'lchovlar** | *- geometrik şekiller we olaryň häsiýetlerini bilmek, şekil we ölçegleriň arasyndaky baglanyşygy düşünmek, berlen ölçegler esasynda geometrik mysallar çözmek;*<br>*- uzynlyk, wagt, massa, göwrüm ölçeg birliklerini anyklamak, ölçeg birliklerini uly ýa-da kiçi ölçeglere öwürmek, şekil we ölçeg netijelerini matematiki formula bilen aňlatmak we dürli şekilleriň perimetri we üstüni, göwrümini ölçemek netijeleriniň dogrulygyny bahalamak.* | 2 sany |
| **3.4. Ähtimallyk nazariýasy we maglumatlar bilen işlemek** | | |
| **Ähtimallyk nazariýasy we maglumatlar bilen işlemek** | *- maglumatlary dürli şekillerde (tablisa, diagramma, grafik) okamak, orta arifmetik bahany tapmak, statistika görkezijileriniň arasyndaky tapawudy düşündirmek we dürli maglumatlaryň toplumy we ähtimallyk netijelerini deňeşdirmek;*<br>*- logiki pikir we arifmetik amallary integrasiýalanan kombinatorika mysallaryny çözmek.* | 2 sany |
| **4. TEGIBY YLYMLAR** | | 3 sany |
| **4.1. Gün ulgamy. Ýeriň ýüzi, tebigy sebitler** | | |
| **Sayyoralar. Tabiiy hududlar. Landshaft** | *- litosfera, gidrosfera, atmosfera gatlaglary we olarda bolup geçýän tebigy prosesleri aýratynlandyrmak; Özbegistan Respublikasynyň serhedi, adminstratiw bölünmegi, howasy we resurslarynyň kompleks geografiki beýanyny bilmek;*<br>*- landşaftyň bölümlerini emele getirýän prosesleri anyklamak we tapawutlandyrmak.* | 1 sany |
| **4.2. Durmuş we organizmlar** | | |

| | | |
|---|---|---|
| **Janly organizmleriň düzülişi, funksiýasy** | *- ösümlikleriň görnüşleri ýaşaýyş gurşawy we esasy aýratynlyklaryny bilmek: ýönekeý laboratoriýa tejribelerinde gözegçilik we ölçeg netijelerini dogry ulanmak;*<br>*- haýwanat dünýäsiniň klassifikasiýany bilmek, ekologik gurşaw we adamyň işjeňliginiň baglanşygyny düşünmek, azyk zynjyryny amaly ýagdaýda ulanmak;*<br>*- adam organizmi ulgamynyň atlandyrylyşy we funksiýalaryny bilmek. Biologik prosesleriň (naharlanmak, madda çalşygy) sada modelleri bilen işlemek.* | 1 sany |
| **4.3. Fiziki häsiýetler** | | |
| **Energiýa. Ýagtylyk. Hereket. Güýç.** | *- berlen jisimleri fiziki häsiýetlerine görä toparlara bölmek; güýjüň täsirinde hereketiň üýtgemeginiň sebäbini düşündirmek; Tebigy hadysalar we prosesleriň esasysyny düşünmek; energiýe häsiýetlerini anyklamak; tebigy hadysalaryň nähili faktorlaryň täsirinde bolup geçmegi, emele gelmeginiň yzygiderligini anyklamak.* | 1 sany |
| **5. TERBIÝE** | | **3 sany** |
| **5.1. Şahsy terbiýe we ahlak gymmatlyklary** | | |
| **Şahsy terbiýe we ahlak gymmatlyklary** | *- milli we umumadamzat gymmatlyklaryň manysyny bilmek; dogry we nädogry hereketleri tapawutlandyryp bilmek; deňlik we hakykatlyk prinsipleri hem-de etiket düzgünlerini bilmek; halallyk, wyždan, edep, hormat, içki tertip we jogapkärçilik, zähmetsöýerlik häsiýetlerini amalda ulanmak we derňew etmek.* | 1 sany |
| **5.2. Jemgyýetçilik we raýatlyk terbiýe** | | |
| **Jemgyýetdäki wezipeler we hukuklar** | *- raýatlyk duýgysy we degişlilik prinsiplerini real ýagdaýlarda ulanmak, raýatlyk hukuk we borçlaryny tapawutlandyrmak; duýgulary tapawutlandyrmak, jemgyýet ýa-da şahsy ösüşdäki özgerişleri anyklamak hem-de özbaşdak karar kabul etmek we tankydy pikirlenmek başarnyklary esasynda ulary derňew etmek; tebigaty goramak, ekologik durnuklylyk gatnaşyklaryny ulanmak;* | 1 sany |
| **5.3. Medeniýetlerara aragatnaşyk we etiki düzgünler** | | |

| | | |
|---|---|---|
| **Durmuş endikleri we howpsuzlyk terbiýesi** | *- jemgyýet, mähelle, maşgala we medeniýet düşünjelerini bilmek, olary bir-birinden tapawutlandyrmak, wezipelerini anyklamak; hyzmatdaşlyk, tolerantlylyk we milletlerara agzybirlik düşünjelerini tapawutlandyrmak; medeniýetlerara aragatnaşykda edep-terbiýe düzgünlerini ulanmak; diskriminasiýa garşy häsiýet, şahsy howpsuzlyk we sagdyn durmuş ýörelgesini derňew etmek.* | 1 sany |

**Tekstlere goýulýan talaplar**

*2-nji tablisa*

| Tekstler | Mazmun talaplary | Göwrüm talablar |
|---|---|---|
| **Çeper tekst** | *Türkmen dilinde ýazylan (ýa-da terjime edilen) çeper tekst (proza ýa-da dramatik eserden bölek) (test tabşyrýanlar üçin nätanyş, ulanyşdaky okuw kitaplara girizilmedik)* | 250-300 söz |
| **Ylmy-köpçülikleýin tekst** | *Akademik usulda ýazylan, belli bir ugra bagyşlanan, giň auditoriýa (hünärmen däl) niýetlenen, grafik elementleri öz içine alan ylmy-köpçülikleýin tekst (test tabşyrýanlar üçin nätanyş, ulanyşdaky okuw kitaplara girizilmedik)* | 100-130 söz |

**Hünär standartlary we pedagogik ussatlykdan düzülýän test ýumuşlarynyň mazmun ugry we bahalanýan bilimleri we endikleri boýunça paýlanyşy**

*3-nji tablisa*

| **1. KESPLIK STANDARTY (36 – 40-njy soraglar)** | | **5 sany** |
|---|---|---|
| **1.1 Kesplik standartlar** | - pedagogyň kesplik standartlaryny (okuw prosesine meýilnama taýýarlamak, bilimiň netijeliligini üpjün etmek, özleşdirişi bahalamak we gaýtadan aragatnaşygy hödür etmek, terbiýeçilik işini guramak, howpsuz ösdüriji bilim gurşawyny döretmek we üpjün etmek, öz-özüni ösdürmek we kesp taýyndan ösmek, kärdeşleri we okuwçylaryň ata-eneleri bilen hyzmatdaşlyk etmek) bilmek we pedagogik ýagdaýlarda ulanyp bilmek. | 5 |
| **2. PEDAGOGIK USSATLYK (41-50-nji soraglar)** | | **10 sany** |

| | | |
|---|---|---|
| **2.1. Umumiy pedagogika** | - pedagogika, didaktik, terbiýe we ýaş psihologiýasynyň esasy düşünjeleri we kategoriýalary, pedagogik çemeleşmeler we bilim paradigmalaryny bilmek we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>- pedagogikanyň ýörelgelerini (aňlylyk we işjeňlik, görkezmelilik, ulgamlaýyn we yzygiderli, ylmylyk, nazryýet we amalyýetiň birligi we başgalar) bilmek we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>- terbiýe we onuň görnüşlerini bilmek, bir-birinden tapawutlandyrmak we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>- sapak we onuň görnüşlerini (täze bilim bermek sapagy, berkitmek sapagy, gaýtalamak we umumylaşdyrmak sapagy, barlag sapagy, aralaş sapak: leksiýa sapagy, söhbet sapagy, amaly sapak, laboratoriýa sapagy, özbaşdak iş sapagy;<br>adaty sapak, adaty däl sapak we başgalar) bilmek, sapaga meýilnama taýýarlamak, guramak we synpy dolandyrmak çemeleşmelerini konkret ýagdaýlarda ulanyp bilmek, bilim prosesiniň taslamasyny taýýarlamak we dolandyrmak, meseleli ýagdaýda dogry karar kabul etmek.<br>- synp ýolbaşçysynyň hukuk we borçlaryny bilmek, synp resminamalary bilen iş ýöredip bilmek, olaryň yzygiderliligine berjaý etmek, synp toparyny dogry emele getirmek, aragatnaşykda pedagogik etika düzgünlerine eýermek, ata-eneler bilen hyzmatdaşlygyň netijeli taraplaryny saýlamak, meselelei ýagdaýa iň amatly strategik çemeleşmäni ulanmak;<br>- pedagogik etika, nutk, tehnika, döredijilik, pedagogik edep, bilimlilik/kompetentlik, aragatnaşyk medeniýeti, takt/näziklik, kreatiwlik, refleksiýa we kesplik ösüş esaslaryny bilmek we ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– pedagogik ukyp we onuň görnüşlerini (didaktik ukyp, akademik ukyp, persiptiw-pedagogik ukyp, aragatnaşyk medeniýeti, bahalamak medeniýeti, tehnologik medeniýet, guramaçylyk ukyby, kommunikatiw ukyp, awtoritar ukyp we başgalar) bilmek we konkret ýagdaýlarda ulanyp bilmek;<br>– tälim tehnologiýalary (taslama esaslana bilim, problemaly bilim, hyzmatdaşlykdaky bilim, ewristik bilim, şahsa ugrukdyrylan bilim, interaktiw bilim, differensial bilim, integral bilim, oýunly bilim, inklýuziw bilim we başgalar) bilmek we ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>- tälimde bahalamagyň esasy düşünjelerini (bahalamak maksady, ýörelgeleri, çemeleşmeleri, bahalamagyň görnüşleri (formatiw, diagnostika, summatiw bahalamak), metod we tehnologiýalary, serişdeler) bilmek, berlen ýagdaýa laýygyny saýlamak we bahalamak boýunça kabul edilen kararlaryň berlen ýagdaýa laýyklygyny bahalamak;<br>- sanly sowatlylyk, emeli intellekt, döwrebap maglumat-kommunikasiýa tehnologioýalary, sanly platformalardan (emaktab.uz we başgalar) we çeşmelerinden (Microsoft Office programmalary, internet ulgamlary) peýdalanmagy bilmek | 7 |

| | | |
|---|---|---|
| **2.2. Okatmak metodikasy** | – predmetiň mazmun ugruny okatmagyň çemeleşmelerini, okatmagyň usullaryny we metodlaryny bilmek we tapawutlandyrmak, berlen ýagdaýa laýygyny saýlamak, hem-de okatmak boýunça berlen bilim ýagdaýyna degişli kabul edilen kararlara baha bermek. | 3 |
| **Jemi** | | 15 sany |

**Kognitiw endikleriň paýlanyşy**

*4-nji tablisa*

| T/s | Kognitiw dereje | Düşündiriş | Test sany |
|---|---|---|---|
| **1** | **Bilmek** | Predmete degişli nazary maglumatlary, adalgalary, düzgünleri, düşünjeleri ýat tutmak, olaryň mazmunyny, maksadyny we ulanylyşyny düşünmek. | 8 |
| **2** | **Ulanmak** | Bilimleri, düşünjeleri we prosesleri täze (nätanyş) kontekstlerde ulanyp bilmek. | 35 |
| **3** | **Pikir ýöretmek** | Faktlary, delilleri, pikirleri deňeşdirmek, derňew etmek, takmyn etmek we netije(ler) çykarmak. | 7 |

## IV. Bahalamak ölçegi

Test tabşyrýanlaryň umumy netijesini hasaplamak üçin her bir dogry jogap üçin 2 bal, nädogry jogap üçin 0 bal berilýär. Umumy 100 baly düzýär.

## V. Synagyň tertibi

*Gadagan edilýän serişdeler:* synag wagtynda mobil telefondan, akylly sagatdan, planşetden ýa-da elektron ýatlatmalardan peýdalanmak gadagan edilýär.

*Tertip we düzgün:* nusga göçürmek, kömek soramak ýa-da kömek bermek, test synagy dowamynda gürleşmek, rugsatsyz çykmak ýaly ýagdaýlar gadagan edilýär.

Gözegçi düzgüniň bozulmagyny anyklanda, ony resmileşdirip, diňleýjini testden çykarýar we netijesi ýatyrylýar.

## VI. Maslahat berilýän esasy edebiýatlar


1. Ene dili we okuw sowatlylygy 1-nji synp I-II bölek: Ş.Abdullaýewa, G.Abdullaýewa, G.Welbegow «Daşkent» 2021

2.Ene dili we okuw sowatlylygy 2-nji synp I bölek: Ş.Abdullaýewa, G.Abdullaýewa, G.Welbegow «Daşkent» 2024

3. Ene dili we okuw sowatlylygy 2-nji synp II bölek: K.Hallyýew, J.Metýakubowa «Daşkent» 2024

4. Ene dili we okuw sowatlylygy 3-nji synp I-II bölek: Ş.Abdullaýewa, G.Abdullaýewa, G.Welbegow «Daşkent» 2022

5. Ene dili 4-nji synp: A.Kadyrow, I.Arazow «Daşkent» 2020

6. Okuw kitaby 4-nji synp: A.Kadyrow, A.Aşyrow, G. Welbegow «Daşkent» 2020

7. 5-nji synp. Türkmen dili I bölek. A.Alymjanowa, O.Gaýliýewa. «Daşkent» 2024

8. 5-nji synp. Türkmen dili II bölek. A.Alymjanowa. «Daşkent» 2024

9. 6-njy synp. Türkmen dili. M.Hanmatow, A.Hanmatow, G.Welbegow. «Daşkent» 2022

10. 6-njy synp. Edebiýat. R.Klyçew, D. Arazow «Daşkent» 2022

11. Matematika 2-nji synp: L.Orinbaýewa, Ş.Ismailow, N.Ruzikulowa, U.Rahmanow, M.Jumaýew, N.Ismailowa, N.Usmanowa «Daşkent» 2021

12. Matematika 3-nji synp: L.Orinbaýewa, Ş.Ismailow, H.Ýusupow, N.Ruzykulowa, U.Rahmanow, Ş.Hakberdiýewa, N.Ýusupowa, A.Baýmanowa «Daşkent» 2022

13. Matematika 4-nji synp: N.U.Bikbaýewa «Daşkent» 2020

14. Matematika 5-nji synp I-II bölüm: B.K.Haýdarow «Daşkent» 2020

15. Terbiýe 1-nji synp: O.W.Usmanowa, Ý.W.Risýukowa «Novda» 2024

16. Terbiýe 2-nji synp: N.Ismatowa we b. «Daşkent» 2020

17. Terbiýe 3-nji synp: D.Roziýewa we b. «Sanoat-Standart» 2020

18. Terbiýe 4-nji synp: S.Şamuhammedowa «O’zbekiston» 2020

19. Tebigat ylymlary 1-nji synp I-II bölek: Ý.W.Malikowa «Novda» 2024

20. Tebigat ylymlary 2-nji synp: K.T.Suýarow, Z.Ý.Tillaýewa, Z.B.Sangirowa, M.M.Awezowa, M.H.Baýmuratowa, S.G.Hasanowa «Daşkent» 2021

21. Tebigat ylymlary 3-nji synp: Z.B.Sangirowa, K.T.Suýarowa, Z.Ý.Tillaýewa, M.M.Awezowa, M.H.Baýmuratowa, S.G.Hasanowa «Daşkent» 2022

22. Tebigaty öwreniş 4-nji synp: A.Bahromow, Ş.Şaripow, M.Nabiýewa «Daşkent» 2020

1. Aydarova U.B, Azizova N.Q: “O‘qish savodxonligi” darslik 1-sinf “Novda” Toshkent - 2024 y.
2. Aydarova U.B, Toirova M.E: “O‘qish savodxonligi” darslik 2-sinf “Novda” Toshkent - 2024 y.
3. Aydarova U.B, Toirova M.E: “O‘qish savodxonligi” darslik 3-sinf “Novda” Toshkent - 2023 y.
4. Aydarova U.B, Toirova M.E: “O‘qish savodxonligi” darslik 3-sinf “Novda” Toshkent - 2023 y.
5. Azimova I, Mavlonova K, Quronov S., Sh.Tursun, N.Hakimova, M.Siddiqov: “Ona tili” darslik 6 - sinf Respublika ta’lim markazi Toshkent – 2022 y.
6. Mavlonova K.M, Hakimova N.S, Siddiqov M.R., Qo‘ldosheva S.H: “Ona tili” darslik 5-sinf. (I, II qism): “Novda” Toshkent – 2024 y.
7. Yo‘ldoshev Q.B., Olimjonov O.O., Yusufjonova N.N., Qambarova S.Q., To‘xliyeva D.B.: “Adabiyot” darslik 5-sinf (I, II qism): “Novda” Toshkent - 2024 y.
8. Mirzayeva Z., Jalilov K.: “Adabiyot” darslik 6-sinf Respublika ta’lim markazi: Toshkent – 2022 y.
9.Toirova M. E, Boynazarova D. D: “Ona tili” darslik 3- sinf (1-4 qism) “Novda”: Toshkent - 2023y.
10. Toirova M. E, Boynazarova D. D: “Ona tili” darslik 4- sinf (1-4 qism) “Novda”: Toshkent - 2023y.
11. Repyova I. V: “Matematika” darslik 3-sinf (1-4 qism) “Novda”: Toshkent - 2023y
12. Repyova I. V: “Matematika” darslik 4-sinf (1-4 qism) “Novda”: Toshkent - 2023y
13. Usmanova O. V, Risyukulova Y. V: “Tarbiya”darslik 1- sinf “Novda”: Toshkent - 2024y.
14. Usmanova O. V, Risyukulova Y. V: “Tarbiya”darslik 2- sinf “Novda”: Toshkent - 2023y.
15. Usmanova O. V, Risyukulova Y. V: “Tarbiya”darslik 3- sinf “Novda”: Toshkent - 2023y.
16. Usmanova O. V, Risyukulova Y. V: “Tarbiya”darslik 4- sinf “Novda”: Toshkent - 2023y.
17.Tigay O.E, .Malikova Y.V, Kosyanenko S.V: “Tabiiy fan” darslik 1-sinf “Novda”: Toshkent - 2024y.

18.Tigay O.E, .Malikova Y.V, Kosyanenko S.V: “Tabiiy fan” darslik 2-sinf “Novda”: Toshkent - 2023y.

19.Tigay O.E, .Malikova Y.V, Kosyanenko S.V: “Tabiiy fan” darslik 3-sinf “Novda”: Toshkent – 2023 y.

20. Tigay O.E, .Malikova Y.V, Kosyanenko S.V: “Tabiiy fan” darslik 4-sinf “Novda”: Toshkent – 2023 y.

**Qo‘shimcha adabiyotlar**

1. Rahmatullayev Sh., Mahmudov N., Xolmanova Z., O‘razova I., Rixsiyeva K.: “O‘zbek tili frazeologik lug‘ati” G‘.G‘ulom: Toshkent – 2022 y.

2. Begmatov E.A., Madvaliyev A.R., .Odilov Y.R. “O‘zbek tilining katta imlo lug‘ati” “Kafolat print company”: nashriyoti Toshkent – 2023y.

3. Madvaliyev A., Mahkamov N., Xudoyberganova D., Odilov O.: “O‘zbek tilining izohli lug‘ati” “O‘zbekiston nashriyoti” Toshkent – 2021y.

**VIII. Pedagogik mahorat va kasb standartlari bo‘yicha manbalar**

1. Mavlonova R.A., Umumiy pedagogika. Darslik. – Toshkent: Fan va texnologiyalar, 2018. – 528 b.

2. Xoliqov A. Pedagogik mahorat. Darslik, – Toshkent: “Bayoz” nashriyoti, 2025. – 504 b.

3. Tolipov O‘., Ro‘ziyeva D. Pedagogik texnologiyalar va pedagogik mahorat. O‘quv qo‘llanma. – Toshkent: “Innovatsiya-ziyo” nashriyoti, 2019. – 276 b.

4. Sh. Abdiraimov v.b. Ta’limda baholash va monitoring asoslari. O‘quv-uslubiy qo‘llanma. – Toshkent, TDYU nashriyoti, 2026. – 208 bet.

5. Umumiy o‘rta ta’lim maktab o‘qituvchisi kasb standarti.

6. Qosimova K., Matchonov S., G‘ulomova X., Yo‘ldosheva Sh., Saryiev Sh. Ona tili o‘qitish metodikasi. –Toshkent.: Bayoz, 2022. – 304 b.

7. Jumayev M. E., Tadjiyeva Z. G‘.. Boshlang‘ich sinflarda matematika o‘qitish metodikasi. –Toshkent.: Bayoz, “Bayoz”- 2022

***<u>Eslatma:</u>*** *test topshiriqlari mazmuni tavsiya etilgan adabiyotlarda aks etgan mazmun, tamoyil va yondashuvlar bilan moslashtiriladi, ammo test topshiriqlari to‘g‘ridan to‘g‘ri manbalardan olinmaydi. Malaka sinoviga tayyorgarlik ko‘rish jarayonida tavsiya etilgan adabiyotlar eslab qolish manbai sifatida xizmat qilishdan ko‘ra, umumiy kasbiy tayyorgarlikni mustahkamlashga qaratilgan.*